# «Bu filmi ýakmaly!»

Category: Kitapcy,Nukdaýnazar,Oýlanmalar,Sözler,Türkmen dili,Ýatlamalar
написано kitapcy | 23 января, 2025
"Bu filmi ýakmaly!" 4. “BU FILMI ÝAKMALY!”

“Onuň bar islegi, aladasy filmi ýapdyrmak”. Meret Atahanowyň Deştde aýdan bu sözi ýedi aýdan soň Türkmenistanyň kompartiýasynyň merkezi komitetiniň býurosynyň mejlisinde otyrkam, şübhe edip bolmajak delile öwrüldi. Men býuronyň mejlisine ilkinji gezek gatnaşýardym, filmiň redaktory hökmünde çagyrylypdym. Hudaýa şükür, şondan soň ýagşydanu-ýamandan býuro barmak meniň paýyma düşmedi. Ilkinji sapar kalbyma çöken agyr duýgy, ýakymsyz ýatlama ömrüme ýeterlik boldy.
Býuro sowet adamlarynyň ykbalynyň çözülýän ýeridi. Anjaýyn wezipeler, hormatly atlar, hökümet baýraklary, orden-medallar býuronyň makullamagy bilen berilýärdi. Partiýanyň agzalygynda durmaýanlara-da onuň rugsady zerurdy. Partiýadan, wezipeden kowýan-da, belleýän-de, jenaýata çekmeli diýýän-de býurody. Men partiýa agzasy däl, maňa partiýa agzalygyndan çykarylmak howpy abananok diýip arkaýynlaşmak akmaklykdy. Býuro seni işden, döredijilikden mahrum edip bilýärdi, onuň kararyna ýamandan adyň düşse, başga dert gerek däldi.
Býuronyň mejlisiniň geçýän zalynyň ýakymsyz ümsümligini ýas ýerine meňzetdim. Jenaýat işi bilen suda getirilen ýaly ýüzümizi asyp otyrys. Zala ilki Balyş Öwezow ýeke girdi. Onuň arkaýynlygyndaky dabara gözilginçdi. Ol ýerine geçmän, ilki penjireleriň perdesini syrdy, iki ýana aýlandy. Kabinetinden çaý içip çykan bolsa gerek, owurdyndaky süýjüni dişleriniň arasynda oýnatdy. Ol eline düşen ejizleri horlap, şondan geljek keýpiň lezzetine eýýäm maýyl ekeni.
Biz urga garaşyp otyrdyk. Onuň jedelsizdigini düýn, býuro agzalarynyň studiýa gelip, doly gutarylmadyk filmi iki plýonkada görenlerinden soňky boluşlary kemsiz duýdurypdy. Has dogrusy, býuronyň başlygy Balyş Öwezowyň bolşy duýdurypdy. Ol

film gutaryp, garaňky zalda çyra ýanandan soň hem rehimsiz dymdy, eglenmän, hiç kimiň ýüzüne garaman, çykyp maşyna mündi. Söbükbasarlary-da artistlerçe onuň bolşuny gaýtaladylar. Şol pursat Alty Garlyýewiň bolandygy göz öňüme gelenok, bolan bolsa, hökman onda ünsüm eglenerdi. Ol filmiň materialyny öň görüpdi. Gutarylmadyk filmi býuro görkezmek onuň inisiatiwasydy. Filmiň ykbal çözgüdinde ministriň roly uly. Şol çözgüde býurony dahylly etmek bilen özüni biraz gyrada saklamak isländir. Gutarylmadyk filmi býuronyň görmeginiň zerurlygyny Balyş Öwezowa Alty Garlyýewden başga kim düşündirsin! Elbetde, Öwezowyň kino sungatyndan başy çykanok, emma ony töwerege duýdurmaz ýaly etmeli. Öwezow üçin kino ugrundan respublikada iň degerli, ygtybarly bilermen Alty Garlyýewdi. Bilermeniň pikiri Balyş Öwezowyň pikirine, garaýyşyna öwrülýärdi, şol halat ol jedelsiz hakykat hökmünde kabul edilýärdi. Alty Garlyýew kino ministri bolan döwründe respublikanyň başlygyny öz islegine görä gepletmegi başarypdy. “Ýanýan furgonyň ýoly” çeper filminiň töwereginde dörän dartgynlyk muňa jaýdar subutnamady.

Býurodan galan aýylganç täsiri deňeşdirme arkaly düşündirmeli bolsa, orta asyrlarda Watikanyň mukaddes diýlen inkwizisiýasynyň Renessansy, ýagny, galkynyşy döreden başga pikirli alymlaryň, hudožnikleriň, ýazyjylaryň garşysyna gurnan rehimsiz suduny mysal getirip biljek. Ol adamlaryň adamzat taryhyna ýaň salan beýik eserleri ilki kimiň gysajyna düşüpdi? Ylymdan, sungatdan başy çykmaýan reaksion ruhanylaryň! Olar hudaýyň ýolunyň üýtgewsizligini, şübhesizligini tutaryk edinýärdiler. Býuro agzalarynyň tutarygy kompartiýanyň adam aňyndaky, jemgyýetçilik ösüşindäki ewolýusiýany, özgerişi inkär edýän ideologiýasydy.

Men bu ýerde şol filmi, ony döredenleri Renessansyň ägirtleri bilen deňeşdirmekden juda daşda. Men ulanylýan usulyň meňzeşligine ünsi çekýärin.

Filmiň režissýory Meret Atahanow, ssenarini ýazan Guseýn Muhtarow partiýadan temmi alan adamlardy. Dramaturg Guseýn Muhtarow ýyl ýarym ozal hem Balyş Öwezowyň halar adamydy. Türkmenistanda birinji dramaturg diýen orny bardy,

döredijiligi mekdeplerde öwrenilýärdi. Ol kinematografiýa boýunça döwlet komitetiniň başlygydy. Ministr bellemezinden öňinçä Balyş Öwezow ony ýanyna çagyryp, aýrylyşyp, galmagallaşyp ýören aýaly bilen dil tapmagy, ylalaşmagy, bagtly maşgala bolup ýaşamagy buýurýar. Maşgalada agzybirlik bolmasa, men seni ministr edip bilmerin diýýär. Muhtarow badabat boýun bolýar, aýalyny ýene söýüp başlaýar. Şol mahal "Otuzynjy ýyllar" diýen at bilen telim ýyl bäri döwlet akademik teatrynda oýnalyp ýörlen pýesasyndan kinossenariý ýasapdy. Filmi almagy Meret Atahanowa tabşyrýarlar. Eger öňki amatly ýagdaý dowam eden bolsady, ähli zat gülala-güllük bolaýmalydy. Bolmady! Maşgala gatnaşygy irnik bolýar, ol seniň wezipä wepalylygyňa seredip duranok. Partiýa agzasy, ministr Guseýn Muhtarowyň maşgalasynda ýene galmagal turýar. Aýaly bilen ogly bir ýana, kakalary bir ýana. Galmagal ýene merkezi komitete ýetýär. Balyş Öwezow gahar atyna atlanýar. Şertim şahyma eden, lebzinde durmadyk, azan emeldaryň ahlaksyzlygyny ýepbekleýän dişli makala ýazdyrmagy makul bilýär. Makala türkmen, rus dillerinde gazetlerde çap edilýär. Merkezi komitetiň býurosy birinji orun beren dramaturgyny, ministri partiýadan, wezipeden kowup, zibile zyňyp goýberýär.

Meret Atahanow welin, uly wezipä-de, döwlet baýragyna-da mynasyp görülmedik adam. Il arasynda oňa zehinli aktýor, režissýor diýilse-de, döwlet, partiýa tarapyndan ykrar edilmändi. Jemgyýetiň ykrar etmegi üçin öňürti döwletiň sylag-serpaýy zerurdy.

Meret Atahanowyň başyna bela iki barmak dilinden gelýär diýerdiler. Iň degerli mysal hökmünde bir fakty aýdardylar.

Şaja Batyrowdan öň partiýanyň merkezi komitetiniň birinji sekretary bolup Fonin diýen rus adamy işläpdir. Meret Atahanow teatryň režissýory ekeni. Bir gün Foniniň kabinetinde Meret Atahanowyň goýan oýnunyň jedeli turýar. Meret Serdarowiç birinji sekretary sungat babatda tüntlükde aýyplaýar. Fonin oňa:

"Çyk kabinetden, güm bol!" diýip gygyrýar. Meret Serdarowiç hem sesini gataldyp jogap berýär: "Senem Türkmenistandan çyk, güm bol!" Meret Atahanowy KGB-niň zyndanyna dykypdyrlar.

Meret Serdarowiçiň öňki alan çeper filminiň ady “Daşgaladaky waka”, onuň hem dawasy köpe çekipdi. Daşgalada ýaşaýan gyz berilýän ezýete çydaman özüni otlaýar. Heý, özüni otlaýan sowet gyzyny ekranda görkezip bolarmy!? Ýa-ha gyz özüni otlamaly däl, ýa-da filmi ýok etmeli diýýärler. Film ekrana çykypdy, ýöne birinji şerte görä, filmi parçalapdylar, öňki finaly aýryp zyňypdylar. Şoňa garamazdan 1963-nji ýylda Orta Aziýa kinoçylarynyň ikinji festiwal-ýaryşynda bu film üçin Meret Atahanowa iň gowy režissýor diýen diplom beripdiler. Bu sylag oňa ýene çeper film almaga esas bolupdy, ýöne bu režissýordan ägä bolmaly diýen ätiýaç galypdy.
Gör-ä, onuň bu filmi hem galmagal turuzjak! Meret Atahan diýlen adamda Alty Garlyýewiçiňki ýaly üşük ýok. Alty Garlyýew partiýa, hökümete nähili film gerekdigini bilýär, onuň filmleri ideýa taýdan örän durnukly, soňy hemişe kommunistleriň ýeňşiniň dabaralanmagy bilen tamamlanýar. “Aýgytly ädim” filminiň gutaryşyna seret! Bolşewikler aklardan, iňlislerden, olaryň ýarak itine öwrülen Eziz han ýaly baýlardan üstün çykýarlar. Hakyky sowet režissýory boljak bolsaň, Alty Garlyýewe mahsus bolan aýdyňlygy sakla, Meret Atahanowyň filmlerinde şol ýok, Balyş Öwezowyň janynyň ýanýan ýeri şü! Kolhoz gurluşynyň soňy ýeňiş bilen gutarmaly dälmi! Meret Atahanow bolsa, bu filmini kolhoz başlygynyň ölümi bilen gutarýar. Öldürlen başlygy dabara bilen jaýlaýarlar. Nähili jaýlananda-da ölüm ýeňşiň alamaty bolup bilmez. “Aýgytly ädimden” soň bu filme seretmek gyzyksyz, ol Balyş Öwezowyň myrryhyny atlandyrýar.
Şeýle oýlanmalardan soňra Balyş Öwezow gelen netijesini býuroda kesgin aýtdy:
– Bu film ideologiýa nukdaýnazaryndan alanyňda zyýanly eser, filmi ýatyrmaly!
Býuronyň agzalary birinji sekretaryň ýowuz hökümini delillendirmek üçin elden-aýakdan düşdüler, agzybirlik bilen kötеklediler.
Ministrler sowetiniň başlygy Muhammetnazar Gapurow:
– Filmde rus halkynyň beýik roly görkezilmändir – diýdi. – On-on iki ýaşly rus oglanjygy bar, ony-da lal edip görkezýäler.

Balyş Öwezow ssenarini ýazan Guseýn Muhtarowa heňkirdi:
– Muhtarow, şeýle etmek bilen sen köpmilletli sowet halkynyň arasyndaky agzybirligi opurmaga çalyşypsyň. Seniň ýaman niýetiň ýol almaz!
Guseýn Muhtarow gara ýer ýaly dymyp otyr, ýogsa bu töhmetiň juda çökderdigini aýdara delili bar, bu soňky tapylan toslama. Onuň filme esas edilip alnan pýesasy türkmen teatr sahnasynda telim ýyl bäri oýnalyp ýör, teatra baryp Balyş Öwezowyň özi-de tomaşa edipdi, dramaturgy gutlapdy. Eger häzir Guseýn Muhtarow bu delili diline alaýsa, onuň türmä ýollanmagy-da ähtimaldy. Balyş Öwezow ýap-ýaňy ony ile masgara edip, partiýadan, wezipeden kowupdy, birinji sekretaryň myrryhyny atlandyrýan esasy sebäp şunda! Partiýadan kowlan adamyň ady ýazlan filmiň halka hödürlenmegini unap biljek däldi.
Merkezi komitetiň senagat hem gurluşyk boýunça sekretary Orazmuhammedow eýýäm filmiň maddy taýdan getiren zyýanyny hasaplapdyr.
Filmi almaga döwlet tarapyndan dört ýüz müň manat goýberilipdir, şonça pul ýele sowruldy diýse bolar. Onça pula birgiden çagalar bagyny salyp boljakdy – diýdi.
Balyş Öwezow onuň üstüni ýetirdi:
– Bu filmiň ideologiýa taýdan sowet adamlaryna ýetirjek zyýanyny dört ýüz million manat bilenem düzläp bolmaz. Filmi halka ýetirmeli däl, ýakmaly!
Režissýor Meret Atahanowa soňky sözüni aýtmaga rugsat edildi.
– Ýoldaş býuro çlenleri, düýn siz iş gününiň ýadawlygyndan soň filme seretdiňiz – diýip, söze başlady. Balyş Öwezow:
– Biz ýadawmy-dälmi, ony kesgitlemek seniň wezipäňe girenok, Meret Atahanow! – diýip gygyrdy. – Sen näme maksat bilen zyýanly film edeniňi aýt.
Meret Serdarowiç has seresap äheňe geçdi:
– Ýoldaş býuro çlenleri, film plýonka surata düşürilýär, plýonkanyň her metrinde ýigrimi dört kadr bar…
Balyş Öwezow ýene gygyrdy:
– Atahanow!.. Sen merkezi komitetiň býuro çlenleri film edilişini bilýän däldirler öýtdüňmi!?
Meret Serdarowiç:

– Bagyşlaň, meniň başga aýtjak sözüm ýok – diýdi, oturdy.
Balyş Öwezowyň has-da myrryhy atlandy.
– Bu zyýanly filmi Moskwa äkidip, kelle agyrdyp ýörmegiň geregi ýok, gadagan etmeli, ýakmaly! – diýdi.
Biz merkezi komitetiň jaýynyň öňünde ýaýdanyşyp durkak, Alty Garlyýew süňňiýeňillik bilen ýöräp, gapdalymyzdan geçdi, kemteresinden bize tarap ýüzüni hem öwürmedi. Eger kinostudiýada ideologiýa taýdan zyýanly film edilen bolsa, onuň garamaty kino ministriniň boýnuna-da düşäýjek ýaly. Meret Atahanow:
– Oň diýeni boldy – diýdi, soňam paýyş sözler aýtdy. Balyş Öwezow filmi ýakmaly diýse-de, muňa Moskwanyň rugsady gerekdi. Puly Moskwa berdi, puluň nämä harç edilendigini Moskwa bilmelidi.
Iki sagatdan soň merkezi komitetiň Hudaýberdiýewden soňky ideologiýa sekretary Çary Ataýew bize goýlan şerti aýtdy. Edilen ähli belligi nähili düzetjekdigimizi jikme-jik beýan edip getirmelidik, şoňa seredilenden soň Moskwa gitmek meselesi çözmeli edilipdir.
Meret Atahanow filmiň režissýory, Guseýn Muhtarow ssenariniň awtory, men filmiň redaktory hökmünde gijäniň bir mahalyna çenli Meret Serdarowiçiň öýünde oturyp, otuz bellikden ybarat hat taýýarladyk. Filmden ýekeje kadr ýa-da ýekeje söz aýyrjak, üýtgetjek hem bolsak, oňa piliň ululygynda many berdik.
Işläp otyrkak garaşylmadyk ýagdaý ýüz berdi. Meret Serdarowiç birden:
– Balyşa til edeýin-le – diýdi.
Dostunyň häsiýetine juda belet Guseýn Muhtarow özelenip ýalbardy:
– Meret jan, başyňa döneýin, jan dogan, til etmek gerek däl, onsuz-da biziň başymyzda tragediýa, til etseň has-da bulaşar, seniň ýalbarmajagyňy bilenim üçin aýdýandyryn, juda ýaman bolar.
Meret Serdarowiç gulak asmady, trubkany galdyryp, nomer aýlap başlady. Guseýn Muhtarow maňa seredip, ajy güldi.
– Meretdir-dä, muny saklamak kyndyr! – diýdi, ykbaly ters adamyň umytsyzlygy bilen başyny ýaýkady.

Aňyrdan trubkany göterdiler. Meret Serdarowiç:
– Hä-ä, Batyr, bu senmiň? Men däde Meret… Meret Atahanow. Kakaň öýdemi?.. Däde Meret til edýär diý… – Meret Serdarowiç garaşdy, Guseýn Muhtarowiç ýene özelendi:
– Meret jan, dogan, ýaman söz diýme, ýalbar, ýalbarsaň gulak asar.
– Gijäňiz haýyr, Balyş Öwezowiç! – Meret Serdarowiçiň äheňinde ejizlik ýokdy. – Balyş Öwezowiç, sizem maňa gezek gelende atylan oka dönäýýärsiňiz… – Meret Serdarowiç pauza saklady, aňyrdan aýdylýany diňledi. Guseýn Muhtarow meniň egnime kakdy, eli bilen howada atanak çekdi.
– Gutardy! Moskwa-da ýok, bize jähennem garaşýar! – diýdi. – Bu adama öz dilinden başga duşman gerek däldir.
– Bolýa, bolýa, Balyş Öwezowiç, bagyşlaň – Meret Serdarowiç trubkany goýup, bize tarap öwrüldi. – Ýazyň-da, ertir merkezi komitete görkeziň diýdi.
Guseýn Muhtarow jibrindi:
– Işimizi gördüň, Meret jan, bozduň, düzeler ýaly etmediň.
– Bozýan men däl, doganyny… Alty Garly bozup ýör. Her näme-de bolsa, Meret Serdarowiç til edenden soňra ynjalan ýaly göründi. Ertesi merkezi komitetde biziň taýýarlan hatymyz bilen tanyşdylar, görkezen ähli belligiňizi düzetjegiňize söz berýän bolsaňyz Moskwa ugraberiň diýdiler.
Moskwada bir aý işledik, filmiň rus dilindäki gutarnykly wariantyny merkezi komitetiň sekretary Çary Ataýewe görkezdik. “Ine, indi film bolupdyr” diýdi, ýogsa, görkezilen belliklerden diňe ikisini düzedipdik. Türkmen emeldarlary rus diline geçirlen filmleri başgaça kabul edýärdiler, türkmen dilinde görmäge öwrenişmändiler.
Filmi Moskwa-da kabul etdi, “Ýanýan furgonyň ýoly” çeper film ekranlara çykdy. 1967-nji ýylda beýik Oktýabr rewolýusiýasynyň 50 ýyllyk ýubileýi baýram edildi. Ýarym asyrda Türkmenistanyň gazanan üstünlikleri hakynda dokladlar edilipdi. Kino sungatynda agzamaga mynasyp görlen çeper filmleriň sanawynda “Ýanýan furgonyň ýoly” çeper filminiň-de ady tutulýardy. Ine, bolýan oýunlar!..
Bu oýun meşhur “Şükür bagşy” filmini döreden Bulat Mansurowyň

soňky alan iki filminiň-de başyna düşüpdi. Olaryň biri görnükli rus ýazyjysy Ýuriý Trifonowyň Garagum kanalynyň gurluşygyndan “Teşneligiň gandyrylyşy” romanynyň esasynda goýlan iki seriýaly adybir çeper filmdi. Ikinji film beýik ýazyjy Andreý Platonowyň türkmenleriň geçmişinden agyr sahypany ussatlyk bilen görkezýän “Takyr” hekaýasyndan döredilen “Gyrnak” filmidi. Bu filmleriň her biriniň kabul ediliş derdeseri üç-dört aýa çekdirilipdi. Ýene esasy senzor Balyş Öwezow bolupdy, onuň talaby boýunça iki filmi-de parçalapdylar. Şol mahalam kino boýunça ministr Alty Garlyýewdi. Bolan ahwalatlara men janly şaýat, “Türkmenfilmde” işleýärdim, “Gyrnak” filminiň redaktorydym. Olar ahyr soňy ýene Moskwanyň tagallasy bilen ekrana çykypdy. Olaryň her biri hakynda telim sahypa ýazyp biljek, ýöne bu ýazgydan soň bir meňzeş taryhy gaýtalap oturmagy artykmaç bildim.

Tirkiş JUMAGELDI. Ýatlamalar